Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2018-nji ýylyň 6-njy aprelinde çykaran 124 belgili
**B U Ý R U G Y**

010.150.010
140.030.040
050.010.010

# Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesiniň Tertibini we Lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli bolan işleýän raýatlaryň toparlarynyň Sanawyny tassyklamak hakynda

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň,
halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Ýygyndysy,
2018 ý., № 2, 32-nji sahypa)

“Hukuk namalary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 15-nji we 44-nji maddalaryna, “Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy we 41nji maddalaryna, şeýle hem Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 187-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň “Saglyk” Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmek, keselleriň öňüni almak we olary wagtynda ýüze çykarmak, näsaglara ýokary derejeli saglygy goraýyş hyzmatlary bilen üpjün edip, olaryň saglygyny bejermek hemde ilat arasynda lukmançylyk gözden geçirmelerini gurnamak maksady bilen, **buýurýaryn**:

1. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesiniň Tertibini;

Lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli bolan işleýän raýatlaryň toparlarynyň Sanawyny tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 23-nji maýynda 571 san bilen bellige alnan, “Hökmany lukmançylyk barlaglaryna degişli hünärlerde işleýän şahslary hökmany, deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlagyndan geçirmek boýunça Gözükdirijini we Işe kabul edilende, hökmany deslapky we döwürleýin lukmançylyk barlaglaryna degişli bolan, şeýle hem ýokanç we parazitar keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen işi ýerine ýetirmekde lukmançylyk boýunça berilýän görkezmeleri kesgitlemek bilen bagly işleriň Sanawyny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2011-nji ýylyň 18-nji martynda çykaran 104 belgili buýrugyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

3. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň okuw mekdepleri, ylym we işgärler bölüminiň başlygynyň w.w.ýe.ýe. B.Annaýewa şu buýrugy degişli edaralaryň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmeli.

4. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

5. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Bejeriş-öňüni alyş bölüminiň başlygy M.Ergeşow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N.Amannepesow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2018-nji ýylyň 6-njy aprelinde
çykaran 124 belgili buýrugy bilen
tassyklandy

## Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesiniň Tertibi

1. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesiniň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 187-nji maddasynyň 1-nji bölegine, “Söwda işi hakynda”, “Demir ýol ulagy hakynda”, “Derman üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryna, “Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy we 41nji maddalaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 21-nji fewralynda çykaran 13503-nji karary bilen tassyklanan, Döwlet mekdebe çenli çagalar edaralary hakynda Düzgünnamanyň ýigrimi ýedinji bölegine we Döwlet umumy bilim edaralary hakynda Düzgünnamanyň kyrk sekizinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesiniň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Ilata edilýän bejeriş we öňüni alyş kömeginiň bir görnüşi - işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesi bolup, bu kömek saglygy goraýyş taýdan garşy görkezmelerini ýüze çykarmak, ýokanç we parazitar keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak we halkyň saglygyny goramak üçin niýetlenendir.

3. Lukmançylyk gözden geçirilmelerine degişli işgärleriň aýry-aýry toparlaryna şu aşakdakylar girýär:

1) azyk önümlerini öndürýän kärhanalaryň, süýt fermalarynyň, aşhanalarynyň, jemgyýetçilik iýmiti bilen baglanyşykly işleri alyp barýan ýuridik şahslar we ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar-hususy telekeçiler we olaryň işgärleri;

2) lukmançylyk gözegçiligine degişli bolan edaralarda önümçilik tejribesini geçýän, täze doglan çagalar bilen işleýän, işi gös-göni näsag bilen, barlag-bejeriş işleri bilen, biologiki suwuklyklar we lukmançylyk galyndylary bilen baglanyşykly hassahanalarda, Saglyk öýlerinde, şypahanalarda, dynç alyş öýlerinde, pansionatlarda, maýyplar we garrylar öýlerinde, barlaghanalarda, gan banklarynda we beýleki ähli saglygy goraýyş edaralarynda işleýän, işi gös-göni iýmitlendirme bilen baglanyşykly

bejeriş-öňüni alyş edaralarynda, şypahanalarda, dynç alyş öýlerinde, pansionatlarda, maýyplar we garrylar öýlerinde işleýän işgärler;

3) umumybilim berýän, ýörite, başlangyç we orta hünär bilim edaralarynyň mugallymçylyk, saglygy goraýyş we beýleki, möwsümleýin dynç alyş we sagaldyş merkezleriniň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň mugallymçylyk we beýleki, ilata arassaçylyk we tämizleýiş hyzmatlary edýän edaralaryň, suwa düşülýän howdanlarda ýüzmekligi öwredýän we beýleki hyzmatlary edýän, myhmanhanalarda, demir ýol otlularynda hyzmat edýän, dermanhanalaryň we derman kärhanalarynyň, agyz suwy taýýarlamak bilen gös-göni baglanyşykly edaralarda hyzmat edýän, maldarçylyk bilen baglanyşykly edaralaryň we ilata hyzmat ediji ulaglaryň işgärleri.

4. Eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan hökmany barlaga degişli ýuridik şahslarda we ýuridik şahsy döretmezden öz işini amala aşyrýan hususy telekeçilerde (mundan beýläk - Kärhanalar) işleýän işgärler lukmançylyk gözden geçirilmesini işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) şu Tertibe hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýan, Lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli bolan işleýän raýatlaryň toparlarynyň Sanawyna (mundan beýläk – Sanaw) laýyklykda geçirilýär.

5. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesi Merkezi we welaýat deri-wenerologiýa hassahanalarynyň lukmançylyk gözegçilik otaglarynda hem-de etrap hassahanalarynyň deri-wenerologiýa otaglarynda (mundan beýläk - deri-wenerologiýa edaralary) geçirilýär. Sanawa laýyklykda, Kärhanalara işe girmek üçin ýüz tutýan raýatlar işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözden geçirilmesini geçmek üçin iş beriji tarapyndan deri-wenerologiýa edaralarynyň lukmançylyk barlag otagyna ugradylýar.

6. Işe girende (deslapky) lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli bolan raýatlaryň ählisi deri-wenerologiýa edaralarynyň ýolbaşçysy tarapyndan doldurylan we möhri bilen tassyklanan, Şahsy saglyk depderçesi (mundan beýläk – Depderçe, şu Tertibe 1-nji goşundy) bilen üpjün edilýär.

Lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli aýry-aýry toparlaryň işgärleri şu Tertibe laýyklykda, ýaşaýan ýeri boýunça ýazgyda duran ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige alnan ýerindäki, eger-de, ýazgyda durmadyk ýa-da bellige alynmadyk bolsa onda onuň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da iş berijiniň Kärhanalarynyň ýerleşýän ýerindäki deri-wenerologiýa edarasynda degişli barlaglary geçenden soňra, şol ýerdäki Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynda barlaghana barlaglaryny geçýär.

Lukmançylyk gözden geçirilmesi, öz içine iç keselleri lukmanyň, deri-wenerolog lukmanyň barlaglaryny we barlaghana barlaglaryny alýar, ol barlaglar bolsa, aşakdakylary öz içine alýar:

1) içege ýokançlary döredijilere, olary göterijilere, kesel dörediji patogen stafilokokklara, gelmintozlara, weneriki we ýokanç deri kesellerine barlaghana barlaglaryny;

2) inçekesele flýurografiýa barlagyny;

3) käbir aýratyn gerek bolan ýagdaýlarda raýatyň stomatolog, otolaringolog lukmanlarynyň barlaglaryny.

7. Iç keselleri lukmany raýat işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözden geçirilmesini geçende, şu aşakdakylary ýerine ýetirmäge borçludyr:

1) keseliň taryhyny, aýratyn-da geçiren ýokanç keselleri barada maglumaty doly toplamaga;

2) içki synalaryň ýagdaýlaryny barlamaga, zerur ýagdaýlarda beýleki funksional barlaglaryny geçirýän saglygy goraýyş edaralaryndan geçirmäge;

3) flýurografiýa barlagyna, içege we parazitar kesellerini göterijilige, patogen stafilokokklara barlaghana barlaglaryna, gerek bolsa umumy kliniki barlaghana barlaglaryna ugradyş hatyny bermäge;

4) raýatyň kesel taryhynda içege kesellerini geçirendigi barada maglumat bar bolsa, onda onuň bu barada maglumatyny barlaghana iberilýän ugradyş hatynda görkezmäge;

5) zerurlyk ýüze çyksa, Sanawa laýyklykda lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli raýatlar lukmançylyk gözegçiligini geçende stomatolog, otolaringolog lukmanlarynyň gözegçiligine ibermäge.

8. Deri-wenerolog lukmany raýat işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözegçiligini geçende şu aşakdakylary ýerine ýetirmäge borçludyr:

1) deriniň tekiz we saçly örtüklerine, dyrnaklaryna üns berip seretmäge;

2) görünýän nemli bardalara üns berip seretmäge;

3) aýallaryň barlagyny Kuskonyň aýnasynyň kömegi bilen geçirmäge;

4) golaýdaky limfa mäzlerini eli (palpasiýa) bilen basyp barlamaga;

5) uretradan, ýatgy boýunjygynyň serwikal kanalyndan, jynshananyň yzky gümmez görnüşli diwaryndan, görkezme boýunça göni içegeden gonokokka, trihomonada we beýleki patogen kesel döredijilere barlamak üçin çyrşak almaga;

6) merezýele (sifilise) barlamaga gan almak üçin sanjym otagyna ugratmaga;

7) merezýele şübhe döredýän ýara bar bolsa solgun treponema barlamaga;

8) görkezme bar bolsa tekiz derini, saçlary, dyrnaklary gotrak kesellerine, şeýle hem ýokançly gijelewüge barlamaga.

9. Stomatolog lukmany raýat işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözegçiligi geçende şu aşakdakylary ýerine ýetirmäge borçludyr:

1) stomatolog lukmany ýörite enjamlaşdyrylan otagda kabul etmäge;

2) dodaklaryň gyzyl zolagynda, agyz boşlugynda, paradontda, kariýesiň, aýrylmadyk kökleriň, diş etindäki ýara yzlaryň, paradontitiň we paradontozyň bardygyna aýratyn üns berip barlaglary geçirmäge.

10. Otolaringolog lukmany raýat işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözegçiligini geçende şu aşakdakylary ýerine ýetirmäge borçludyr:

1) nemli bardalaryň ýagdaýyna we gaýnaglama keseliniň bardygyna üns berip barlamaga;

2) rinoskopiýa, faringoskopiýa, laringoskopiýa barlaglaryny geçirmäge.

11. Raýat işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözegçiligini geçende, oňa şu aşakdaky barlaghana barlaglary geçirilýär:

1) merezýeliň bardygyna barlamak üçin barlaghana barlaglary ekspress usuly - reaksiýa presipitasiýa bilen diňe eliň IV barmagyndan gan almak bilen, zerurlyk ýüze çykan halatynda doly serologiki reaksiýalaryň toplumy bilen geçirilýär;

2) sözenege, trihomoniaza barlag geçirlende uretradan, ýatgynyň boýunjygynyň serwikal kanalyndan, yzky gümmez görnüşli diwaryndan we gerek bolan ýagdaýlarda göni içegeden alnyp, 2 çyrşagyň bakterioskopiýa barlagy geçirilýär;

3) mikozlara we ýokançly gijelewük kesellerine şübhe dörän ýagdaýynda zeperlenen deriniň ýüzünden material alnyp, natiw preparatlaryň üsti bilen bakterioskopiýa barlagy geçirilýär.

Şu Tertibiň on birinji-on ikinji böleklerinde görkezilen barlaglar deri-wenerologiýa edaralarynyň kliniki-anyklaýyş barlaghanalarynda geçirilýär.

12. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynyň barlaghanalarynda şu aşakdaky barlaglar geçirilýär:

1) içege we parazitar keselleri döredijilere we göterijilige, patogen stafilokokka barlaghana barlaglary;

2) garyn garahassa keseliniň bakterigöterijilerini ýüze çykarmak üçin edilýän barlaglary (şol barlaglara geçirmek üçin serologiki reaksiýa ulanylýar. Serologiki reaksiýa Sanawyň 1-nji, 2-nji, 6-njy we 14-nji toparlara degişli raýatlar işe girende we zähmet işiniň dowamynda epidemiologiki görkezmeler boýunça geçirilýär);

3) kesel dörediji patogen stafilokokklary anyklamak üçin bokurdakdan we burun boşlugyndan çyrşak alnyp, stafilokokklara barlaghana barlaglary;

4) gelmintozlara barlaglar geçirmek perianal soskobyny we nejesatlary gelmintlere barlamak usuly bilen amala aşyrylýar.

13. Depderçede lukmançylyk barlaglarynyň netijesi we işe girişmäge rugsat berilýändigi, onuň möhleti hakyndaky maglumatlar görkezilýär. Depderçe raýatyň zähmet işiniň dowamynda özünde saklanylýar we şol Depderçede görkezilen möhletiň gutarmagyna 10 (on) senenama güni galanda, lukmançylyk gözden geçirilmesi oňa gaýtadan geçirilýär.

14. Öýken inçekeseline flýurografiýa barlaglary ýylyň dowamynda 1 (bir) gezek geçirilýär. Şol barlag raýatlaryň ýazgyda duran ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige alnan ýerindäki, eger-de, ýazgyda durmadyk ýa-da bellige alynmadyk bolsa onda onuň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da işleýän Kärhanalarynyň ýerleşýän ýerindäki saglygy goraýyş edaralarynda geçirilýär.

15. Jemgyýetçilik iýmiti bilen baglanyşykly hünäri boýunça hökmany barlaga degişli raýatlar işe girende Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edaralarynda “Jemgyýetçilik iýmiti bilen baglanyşykly edaralar üçin arassaçylyk düzgünleri” boýunça okuw sapaklaryny we alan bilimi boýunça synagdan geçýärler hem-de raýadyň Depderçesinde bu maglumat barada degişli bellik edilýär.

16. Lukmançylyk barlaglarynyň ähli gerekli görnüşleri geçirilip gutarandan soňra we lukmançylyk taýdan garşy görkezmeler bolmadyk ýagdaýynda, hünärmen lukmanlar geçirilen barlaglar barada Depderçede degişli bellikleri edýärler.

Deri-wenerologiýa edaralarynyň ýolbaşçylarynyň buýrugy bilen berkidilen jogapkär deri-wenerolog lukmany tarapyndan Depderçede lukmançylyk barlaglary geçirilenden soňra “Işe girişmäge rugsat berilýär” diýen möhür (şu Tertibe 2-nji goşundy) goýulýar. Möhürde rugsadyň möhleti we nobatdaky lukmançylyk barlaglaryndan geçmäge gelmeli senesi görkezilýär.

17. Kärhanalarda işleýän raýatlarda şu Tertibiň onunjy we on birinji böleklerinde görkezilen keseller ýa-da bakteriogöterijiler ýüze çykarylyp, şol Kärhanalaryň işine bökdençlik döretse, Kärhanalar bu ýagdaý barada işgäriň ýaşaýan ýeri boýunça ýazgyda duran ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige alnan ýerindäki, eger-de, ýazgyda durmadyk ýa-da bellige alynmadyk bolsa onda onuň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da iş berijiniň Kärhanalarynyň ýerleşýän ýerindäki degişli Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasyna habar berýär hem-de şol gullugyň edarasy raýaty hökman bejergä çekmek üçin degişli saglygy goraýyş edarasyna ugradýar hem-de onuň saglygy goraýyş edarasyna baryp ýetendigini gözegçilikde saklaýar.

Ýüze çykarylan näsaglar we bakteriogöterijiler hökmany bejergä degişlidirler. Olara diňe doly bejergi çäreleri geçirilenden soňra, işe girişmäge rugsat berlip bilner.

18. Kärhanalar işgärlerde şu aşakdaky sanawa degişli keseller ýa-da bakteriogöterijilik ýüze çykarylan ýagdaýynda, olary Türkmenistanyň kanunçylygyna işden çetleşdirýärler:

1) garyn garahassa, paratifler, salmonellýozlar we ganly iç geçme keselleri ýüze çykarylanda – degişli saglygy goraýyş edarasynda doly talaba laýyk bejergi alýança we ondan çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä;

2) geminolepidoz, enterobioz keselleri ýüze çykarylanda – degişli saglygy goraýyş edarasynda doly talaba laýyk bejergi alýança we ondan çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä;

3) merezýel keseli (ähli görnüşleri) – doly talaba laýyk bejergi alýança we deri-wenerologiýa edarasyndan degişli çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä;

4) sözenek (ähli görnüşleri) we trihomoniaz keselleri bejergi geçirilýän möhletine çenli we birinji gözegçilik barlagynyň negatiw netijeleri alynýança, hem-de deri-wenerologiýa ýa-da bejergi geçiren beýleki bejeriş-öňüni alyş edarasyndan tassyklaýjy resminamany - çykaryş hatyny ýa-da kepilnamasyny getirýänçä;

5) heýwere (lepra) keseli – doly talaba laýyk bejergi alýança we deri-wenerologiýa edarasyndan degişli çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä;

6) ýokanç deri keselleri: ýokançly gijelewük, kelläniň saçly böleginiň, deriniň, dyrnaklaryň trihofitiýa we mikrosporiýa gotrak keselleri, fawus – doly talaba laýyk bejergi alýança we deri-wenerologiýa edarasyndan degişli çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä;

7) bedeniň açyk ýerlerinde çuň ýaraly ýa-da oý ýaraly (deşikli) geçýän aktinomikoz – doly talaba laýyk bejergi alýança we deri-wenerologiýa edarasyndan degişli çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä;

8) öýken inçekeseliniň açyk görnüşi, öýken inçekeseliniň gakylyk bilen mikobakteriýa bölünip çykmaýan işjeň görnüşi, oý ýaraly (deşikli) öýkenden daşky inçekesel, bakteriouriýa, eliň we ýüzüň inçekesel wolçankasy inçekeseliň bejeriş-öňüni alyş edarasyndan degişli çykaryş hatyny ýa-da kepilnama getirýänçä.

Lukmançylyk barlagyny geçirýän lukman ýokanç däl deri keselleri (psoriaz, ekzema, allergiki dermatitler we ş.m.) bar bolan raýatlaryň işe goýberilmegini keseliň ýagdaýyna we raýatyň işleýän ýerine baglylykda çözýär.

Iriňli gabarçakly, şol sanda deri peşehordaly ýokanç deri keselli näsaglar doly saglygyny dikeltýänçä hassahanalaryň çagalar, akuşerçilik we hirurgiýa ugurly ýatymlaýyn bölümlerine, saglyk öýlerine, bäbekleriň patologiýa bölümlerine, çaga süýt aşhanalaryna, iýmit önümlerini taýýarlamak we dolandyrmak bilen meşgullanýan sehlere we önümçiliklere işe goýberilmeýärler. Patogen stafilokokk göteriji raýatlar sanasiýa edilmäge degişlidirler.

19. Jemgyýetçilik iýmitiniň obýektlerinde işleýän işgärler ýaşaýan (ýazgyda duran) ýa-da işleýän ýerlerinde ýokanç keselli näsaglar bilen gatnaşykda bolan ýagdaýlarynda lukmançylyk gözegçiligine çekilýärler.

20. Raýatlarda içege gurçuklary (gelmintler) tapylanda, hökmany gurçugy aýyrmaklyk (degelmintizasiýa) bejeriş-öňüni alyş edaralarynda geçirilýär. Gurçugy aýyrmaklyga (degelmintizasiýa) çekilen raýatlar (geminolipedoz we enterebiozdan başgasynda) işden boşadylmaýarlar.

21. Kärhanalaryň iş berijileri şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) lukmançylyk gözegçiliginden geçirilmäge degişli işgärleri bellenilen tertipde tassyklanan görnüşdäki Depderçe bilen üpjün etmäge;

2) işgärleri hökmany lukmançylyk gözegçiliginden geçirmek üçin olaryň ýaşaýan ýeri boýunça ýazgyda duran ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige alnan ýerindäki, eger-de, ýazgyda durmadyk ýa-da bellige alynmadyk bolsa onda onuň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri boýunça ýa-da iş berijiniň Kärhanalarynyň ýerleşýän ýerindäki deri-wenerologiýa edarasy hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasy bilen her ýyl şertnama baglaşmaga;

3) deri-wenerologiýa edaralary tarapyndan tassyklanan meýilnama laýyklykda Sanawda görkezilen raýatlar işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözden geçirilmesinden geçmeklerini üpjün etmäge;

4) öz goly we möhri bilen tassyklanan, lukmançylyk gözegçilinden geçmäge degişli işgärleriň sanawynyň üç nusgasyny taýýarlap, olaryň bir nusgasyny lukmançylyk barlaglaryny geçirýän deri-wenerologiýa edarasyna, ikinji nusgasyny Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasyna bermäge we üçünji nusgasyny bolsa özünde galdyrmaga, şeýle hem her ýylda lukmançylyk gözegçilinden geçmäge degişli işgärleriň sanawyny we şol sanaw üýtgän halatynda täzelenen görnüşini bermäge;

5) Depderçede işe girişmäge rugsat berilýän möhletiniň gutarmagyna 10 senenama gününden gijä goýman işgärleri Depderçesi bilen nobatdaky lukmançylyk gözegçiliginden geçmek üçin ugratmaga;

6) eger-de lukmançylyk gözden geçirilmesi Kärhanalaryň özlerinde gurnalsa, şol barlaglary geçirmek üçin şertler döretmäge, öz awtoulagy we otaglar bilen üpjün etmäge;

7) işgärleriň lukmançylyk gözden geçirilmesini Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 178-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 10-njy bendine laýyklykda işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) hususy serişdeleriniň hasabyna üpjün etmäge.

22. Lukmançylyk gözden geçirilmesiniň tölegleri Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ylalaşyp we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanan Nyrhnama boýunça geçirilýär.

23. Lukmançylyk gözegçiliginden geçmedik, şeýle hem geçmeli wagtyny we tertibini bozýan raýatlary işe almak hem-de işini dowam etdirmek boýunça jogapkärçilik Kärhanalaryň iş berijisiniň üstüne ýüklenilýär.

24. Şu Tertipde göz öňünde tutulan lukmançylyk barlaglaryndan geçmegiň tertibiniň bozulmagyna ýol berýän Kärhanalaryň iş berijilerine degişli Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasy tarapyndan çäreler görülýär. Bellenilen wagtynda nobatdaky lukmançylyk gözegçiliginden geçmedik şahslar işe goýberilmeýärler. Kärhanalaryň içerki tertip-düzgüninde lukmançylyk gözegçiliginden geçmegiň hökmandygy barada görkezilen bolmalydyr.

25. Lukmançylyk gözden geçirilmesini geçirýän deri-wenerologiýa edarasynyň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasynyň ýolbaşçysy barlaglaryň hiline we gurnalyşynyň dogrulygyna jogapkärçilik çekýär. Deri-wenerologiýa edarasy tarapyndan lukmançylyk gözden geçirilmesi geçirilip gutarandan soň, möhletine laýyklykda öz wagtynda meýilnama boýunça barlagdan geçenleriň we geçmedikleriň sanawyny şol kärhanalaryň iş berijilerine we degişli Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň edarasyna ugradylýar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek

gullugynyň edarasy Kärhanalaryň işgärleriniň Depderçelerinde görkezilen möhletlerini gözegçilikde saklaýar.

Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň
lukmançylyk gözden geçirilmesiniň
Tertibine 1-nji goşundy

1-nji sahypa

**ŞAHSY SAGLYK DEPDERÇESI**

Surat üçin
ýer

Şahsy saglyk depderçesini beren
bejeriş-öňüni alyş edarasynyň ady______________________________________
_______________________________________________________________
Ýolbaşçysy___________________ ______________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)
Ýolbaşçynyň goly_____________________________________________________

M.Ý.
“____” _______________20___ý.

2-nji sahypa

**I. Şahsy saglyk depderçesiniň eýesi barada maglumatlar:**

1. Familiýasy_____________________________________________________
2. Ady_________________________________________________________
3. Atasynyň ady__________________________________________________
4. Doglan senesi__________________________________________________
(güni, aýy, ýyly)
5. Ýaşaýan ýeri__________________________________________________
6. Işleýän ýeri___________________________________________________
7. Hünäri______________________________________________________
8. Goly________________________________________________________

3-4-nji sahypalar

**II. Başga işe geçendigi barada maglumat**

| Senesi | Edaranyň, kärhananyň, guramanyň ady | Hünäri | Ýolbaşçynyň goly |
|---|---|---|---|
| | | | |

5-7-nji sahypalar

## III. Öýkeniň rentgenologiýa (flýurografiýa) barlagynyň netijesi

| Barlagyň senesi | Barlagyň netijesi | Lukmanyň familiýasy, ady, goly we möhri |
|---|---|---|
| | | |

8-14-nji sahypalar

## IV. Deri-wenerolog lukmanynyň barlagy we barlaghana barlaglarynyň netijeleri

| Barlaglaryň netijeleriniň berlen senesi | Barlagyň görnüşi, hasaba alnan belgisi | Lukmanyň familiýasy, ady, goly we möhri |
|---|---|---|
| | | |

15-21-nji sahypalar

## V. Bakteriologiki barlaghana barlaglarynyň netijeleri

| Barlaglaryň netijeleriniň berlen senesi | Barlagyň görnüşi, hasaba alnan belgisi | Lukmanyň familiýasy, ady, goly we möhri |
|---|---|---|
| | | |

22-26-njy sahypalar

## VI. Hünärmen lukmanlaryň (iç keselleri, stomatolog, otolaringolog) barlaglarynyň netijeleri

| Barlagyň senesi | Barlagyň netijesi | Lukmanyň familiýasy, ady, goly we möhri |
|---|---|---|
| | | |

27-32-nji sahypalar

## VII. Geçirilen barlaglaryň esasynda “Işe girişmäge rugsat berilýär”

**diýen bellik hakynda maglumat**

| Jogapkär deri-wenerolog lukmanynyň familiýasy, ady, goly we işe girişmäge rugsat berilendigi barada möhürçe | Bellikler |
|---|---|
| | |

33-34-nji sahypalar

**VIII. Arassaçylyk düzgünleri boýunça geçen okuw sapaklary we bilimi barada maglumat**

| Senesi | Lukmanyň familiýasy, ady, goly we möhri |
|---|---|
| | |

35-39-njy sahypalar

**X. Hünär degişliligi boýunça öňüni alyş sanjymlary alandygy barada maglumat (diňe saglygy goraýyş ulgamyna degişli işgärler üçin)**

| Öňüni alyş sanjymlarynyň geçirilen senesi | Öňüni alyş sanjymlaryň görnüşi we tapgyry | Mukdary | Seriýa, möhleti |
|---|---|---|---|
| | | | |

40-44-nji sahypalar

**XI. Bellikler üçin:**

Soňky sahypa

**“Şahsy saglyk depderçesiniň” eýesi üçin**
**ÝATLAMA**

1. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň lukmançylyk gözden geçirilmesi ilatyň arasynda ýokanç we parazitar keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen geçirilýär.

2. Raýatlar hökmany lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli hünärler boýunça işe girende (deslapky) we zähmet işiniň dowamynda (döwürleýin) lukmançylyk gözegçiligi geçýärler hem-de lukmançylyk garşy görkezmeleriň ýokdugy ýa-da bardygy kesgitlenilýär.

3. Hökmany lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli hünärde işleýän şahslara “Şahsy saglyk depderçesi” deri-wenerologiýa edaralary tarapyndan berilýär. Işgäriň depderçesi bolmadyk ýagdaýynda iş berijiniň işe goýbermezlige we şol depderçede görkezilen möhletinde döwürleýin lukmançylyk gözden geçirilmesini geçmese çäre görmäge haky bardyr.

4. Lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli hünärde işleýän raýat, “Şahsy saglyk depderçesinde” goýlan “Işe girişmäge rugsat berilýär” diýen möhürdäki görkezilen möhletiň gutarmagyna 10 senenama gününden gijä galman nobatdaky lukmançylyk gözden geçirilmesini gaýtadan geçýär.

5. Raýat iş ýerini üýtgedende “Şahsy saglyk depderçesi” özünde galýar we depderçede işden çykandygy baradaky maglumat bellik edilýär we täze işe giren edarasynyň iş berijisi depderçede görkezilen möhletine görä işe göýberip bilýär.

6. Raýat lukmanyň kabulhanasyna lukmançylyk gözden geçirilmesine gelende bedeni arassa, tämiz eşikde gelmelidir.

Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň
lukmançylyk gözden geçirilmesiniň
Tertibine 2-nji goşundy

**“Şahsy saglyk depderçesinde” işe girişmäge rugsat berlendigi baradaky möhürçäniň nusgasy**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi
*Deri-wenerologiýa edarasynyň ady*

Lukmançylyk gözegçiligi otagy

“___” __________ 20__ý. başlap,
“___” __________ 20__ý. çenli

**Işe girişmäge rugsat berilýär**

Hasaba alyş belgisi________
Lukmançylyk gözegçiligi otagynyň jogapkär deri-wenerolog lukmany

___________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

_________________
(goly)

Möhürçäniň ölçegi 5x3 sm
Bellik: Möhürçede degişli deri-wenerologiýa

edarasynyň ady ýazylýar.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministriniň
2018-nji ýylyň 6-njy aprelinde
çykaran 124 belgili buýrugy bilen
tassyklandy

## Lukmançylyk gözden geçirilmesine degişli bolan işleýän raýatlaryň toparlarynyň Sanawy

| № | Geçirilýän işleriň häsiýeti | Barlaglaryň döwürleýinligi we hünärmen lukmanlaryň gatnaşygy | | | Barlaghana barlagynyň görnüşleri we olaryň döwürleýinligi | | | | | Lukmançylyk garşy görkezmeler |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Iç keselleri lukmany | Deri-wenero-log lukmany | Flýuoro-grafiýa | Ganyň merez-ýel keseline barlagy | Çyrşagyň sözenek we trihom o-niaz kesel-lerine barlagy | Içege topar ýokanç-lary dörediјilere barlaglar we garyn gara hassalyk keseline serologiki barlag | Gelmin-tozlara barlag | Kesel dörediji stafilokokklary anyklamak üçin bokurdakdan we burun boşlugyndan alnan çyrşagyň barlagy | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| 1 | Eýeçiligiň görnüşlerine gar amazdan azyk önümlerini öndürýän kärhanalaryň, süýt fermalarynyň, süýt aşhanalarynyň, iýmit paýlanyş nokatlaryň, azyk önümleri saklanýan ammarlaryň we bazarlaryň, azyk önümleri bilen meşgullanýan işgärleri, şol sanda gurallary, enjamlary bejeriş we arassalaýyş işlerini geçirýän işgärler, şeýle hem azyk önümlerini dürli görnüşli ulaglarda (awto-, derýa-, deňiz-, demirýol-, howa ulaglary) daşalanda azyk önümleri bilen gös-göni galtaşykda bolýan işgärler | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 4 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Krem-konditerli sehleriň, çagalar süýt aşhanalarynyň işgärleri üçin işe girende, işiň dowamynda ýylda 4 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Keseller we bakteriogöterijiler ähli kontingentler üçin: 1) garyn garahassa keseli, paratifler, salmonellýozlar, ganly içgeçme keseli; 2) gimenolepidoz, enterobioz; 3) merezýel keseli ýokançly döwründe; 4) heýwere (lepra) 5) ýokançly deri keselleri: ýokançly gijelewük, trihofitiýa, mikrosporiýa, fawus, bedeniň açyk ýerlerinde deşikli ýa-da çuň ýaraly geçýän aktinomikoz; 6) öýken inçekeseliniň ýokanç we destruktiw görnüşleri, öýkenden daşky öý ýaraly (deşikli) bakteriouriýaly inçekesel, eliň we ýüzüň inçekesel wolçankasy; 7) sözenek keseli, ähli görnüşleri, ýöne diňe çagalara hyzmat edýän saglygy goraýyş we çagalar edaralaryň işgärleri bejergi geçirilýän döwri we gözegçilikde birinji otrisatel netijeleri alynýança; 8) iriňli ýaraly keseller - diňe akuşerçilik we hirurgiýa ýatymlaýyn bölümleriniň, bäbekleriň patologiýa, ýetmedik çagalar bölümleriniň hem-de azyk önümlerini taýýarlaýan we paýlaýan işgärleri üçin |
| 2 | Eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň, söwda, iýmit nokatly ähli | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende, işiň dowamyndaýylda 4 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende | |

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | edaralaryň işgärleri, şol sanda demir ýol we howa ýollary ulaglarynyň, şol sanda derýa we deňiz ulaglaryndaky ýolagçylara hyzmat edýän bort ýolbeletleri | | | | | | | | | |
| 3 | Lukmançylyk gözegçiligini geçmeklige degişli bolan edaralarda önümçilik tejribesini geçmeli ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň işgärleri, talyplary we okuw-çylary | Tejribe okuwyny başlamazdan öň we dowamynda (tejribe geçmeli edarasyna baglylykda) | Tejribe okuwyny başla-mazdan öň we dowamynda | Tejribe okuwyny başla-mazdan öň we dowamynda | Tejribe okuwy-ny başla-mazdan öň we dowamynda | Tejribe okuwyny başla-mazdan öň we dowamynda | Tejribe okuwyny başlamazdan öň we keseliň ýaýramgyna epidimiolo-giki görkezmeler boýunça | Tejribe okuwyny başlamazdan öň we keseliň ýaýrama-gyna epidemiologiki görkezmeler boýunça | Tejribe okuwyny başlamazdan öň we keseliň ýaýramgyna epidimiologiki görkezmeler boýunça | |
| 4 | Çaga dogrum öýlerinde (bölümlerinde), çagalar hassahanalarynda (bölümlerinde), bäbekleriň patologiýa bölümlerinde işleýän saglygy goraýyş işgärleri | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 2 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 2 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiologiki görkezmeler boýunça | |
| 5 | Saglygy goraýyş işgärleri – hassahanalarda, Saglyk öýlerinde, şypahanalarda, dynç alyş öýlerinde, pansionatlarda, maýyplar we garrylar öýlerinde, çagalar öýlerinde, barlaghanalarda, gan banklarynda işi gös-göni näsag bilen, barlag-bejeriş işleri bilen, hem-de biologiki suwuklyklar, lukmançylyk galyndylary bilen baglanyşykly işleýän ähli saglygy goraýyş işgärleri | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamyn-da ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende | Işe girende | |
| 6 | Bejeriş-öňüni alyş edaralary-nyň, şypahanalaryň, dynç alyş öýleriniň, pansionatlaryň, maýyplar we garrylar | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowa-mynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende, işiň dowamyndaýylda 4 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 4 gezek | Işe girende we keseliň ýaýramgyna epidemiologiki görkezmeler boýunça | |

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | öýleriniň, çagalar öýleriniň, gös-göni iýmitlendirme bilen baglanyşykly işleýän işgärleri | | | | | | | | | |
| 7 | Umumybilim berýän, ýörite, başlangyç we orta hünär bilim edaralarynyň mugallymçylyk, saglygy goraýyş we beýleki işgärleri | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek okuw ýyly başlan-mazdan öň | Işe girende we işiň dowa-mynda ýylda 1 gezek okuw ýyly başlan-mazdan öň | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek okuw ýyly başlan mazdan öň | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek okuw ýyly başlan mazdan öň | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek okuw ýyly başlan-mazdan öň | Işe girende, işiň dowamyndaýylda 1 gezek okuw ýyly başlanmaz dan öň we keseliň ýaýramgyna epidemiolo giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek okuw ýyly başlanmazdan öň | Işe girende | |
| 8 | Çagalaryň we ýetginjekleriň möwsümleýin dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde işleýän işgärler | Işe başlamazdan öň | Işe başlamaz-dan öň | Işe başlamaz-dan öň | Işe başla-mazdan öň | Işe başlamaz-dan öň | Işe başlamaz-dan öň | Işe başla-mazdan öň | Işe başlamazdan öň | |
| 9 | Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň mugallymçylyk we beýleki işgärleri | Işe girende we işiň dowamynda her 6 aýdan ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamyn-da her 6 aýdan ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda her 6 aýdan ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamynda her 6 aýdan ýylda 2 gezek | Işe girende, işiň dowamynda her 6 aýdan ýylda 2 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda her 6 aýdan ýylda 2 gezek | Işe girende | |
| 10 | Ilata arassaçylyk we tämizleýiş hyzmatlary edýän edaralaryň işgärleri (hammamçylar, dellekhana-çylar, manikýurçylar, pedikýurçylar,kosmetologlar kir ýuwulýan, hapa geýim-eşik kabul edýän, himiki taýdan arassalaýyş nokatlaryň işgärleri) | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowa-mynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowa-mynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowa-mynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 3 gezek | Işe girende, işiň dowamyndaýylda 1 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende | |
| 11 | Suwa düşülýän howdanlarda ýüzmekligi öwredýän tälimçiler we beýleki hyzmat edýän işgärler | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamyn-da ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamyn-da ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende, işiň dowamyndaýylda 1 gezek we keseliň ýaýramgyna epide-miologiki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende | |
| 12 | Myhmanhanalaryň otag hyzmatçylary, süpürijileri, administratorlary, gatlarynyň, umumy ýaşaýyş jaýlaryň müdirleri, komendantlary, demir ýol | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 1 gezek we keseliň ýaýramgyna epide-miologiki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende | |

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | wagonlarynyň ýol beletleri | | | | | | | | | |
| 13 | Dermanhanalaryň we derman serişdeleriniň taýýarlanyşy, gaplanyşy, goýberilişi bilen meşgullanýan derman kärhanalarynyň işgärleri | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamy nda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamyn da ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynd a ýylda 1 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 1 gezek we keseliň ýaýramgy-na epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 1 gezek we keseliň ýaýramgyna epidemiologiki görkezmeler boýunça | |
| 14 | Agyz suwy taýýarlamak bilen baglanyşykly suw arassalaýjy desgalaryň we suw geçiriji ulgamlaryň işgärleri | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowamy nda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamyn da ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowamynd a ýylda 3 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 2 gezek we keseliň ýaýramgy-na epide-miologiki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 2 gezek | Işe girende | |
| 15 | Maldarçylyk fermalarynyň we toplumlarynyň işgärleri | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowamy nda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamyn da ýylda 3 gezek | Işe girende we işiň dowamynd a ýylda 3 gezek | Işe girende, işiň dowamynda ýylda 1 gezek we keseliň ýaýrama-gyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | Işe girende we işiň dowamynda ýylda 1 gezek | Işe girende | |
| 16 | Ulag sürüji işgärler – ilata hyzmat edýän awtobus, taksi sürüjileri we uzak ýola gatnaýan ulaglaryň sürüjileri | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowam ynda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamy nda ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamyn da ýylda 1 gezek | Işe girende we işiň dowamynd a ýylda 1 gezek | Keseliň ýaýrama-gyna epidemiolo-giki görkezmeler boýunça | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2018-nji ýylyň 1-nji maýynda döwlet belligine alnan.
Bellige alyş sany 1134.